**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2023-nji ýylyň 21-nji sentýabryndaky №75-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№2-mek "Umumybilim edaralaryň jemleýji hasabaty" (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

№2-mek jemleýji statistik hasabatlylygyň formasy ähli kysymlardaky bilim edaralarynyň ilkinji hasabaty №1-mek esasynda düzülýär.

## 1 BÖLÜM.
## UMUMYBILIM EDARALARYNYŇ, OKUWÇYLARYŇ WE MUGALLYMLARYŇ SANY

1-nji bölümiň 4-nji setirine saglyk ýagdaýy sebäpli mümkinçilikleri çäkli okaýanlar üçin ýörite bilim edaralarynyň hataryna akyl ýa-da beden taýdan kemli, (körler, ker,( lal-güň), akyl taýdan yza galak çagalar we ş.m), şeýle hem terbiýäniň aýratyn şertleri zerur bolan çagalar üçin mekdepler girýär.

1-nji bölümiň 10-11-nji setirlerinde başlangyş we orta synplaryň okuwçylarynyň sany görkezilýär. 12-nji setirde 04-nji setire girizilen saglyk ýagdaýy sebäpli mümkinçilikleri çäkli okaýanlar üçin ýörite bilim edaralarynнх okuwçylary görkezilýär.

13-nji setirde umumybilim edaralarynyň ilkinji hasabatynyň (№1-mek) 4-nji bölüminiň 01-nji setirindäki ähli mugallymlaryň sany görkezilýär;

18-nji setirde umumybilim edaralarynyň uzaldylan günli toparlardaky okuwçylaryň sany görkezilýär;

19-njy setirde umumy görnüşdäki mekdep-internatlarda okaýan ýetim we hossarsyz galan çagalaryň sany görkezilýär.

20-nji setirde umumybilim edaralarynda 2 salkynda sapaklaryň alnyp barylşynyň sany görkezilýär.

21-nji setirde 2 salkynda okaýan okuwçylaryň sany görkezilýär.

## 2 BÖLÜM.
## GEÇEN 20___/ 20___ OKUW ÝYLYNDA OKAÝAN SYNPYNY TAMAMLAP, INDIKI SYNPA GEÇEN OKUWÇYLAR WE UÇURYMLAR BARADA MAGLUMATLAR (1-nji BÖLÜMIŇ 02, 05-nji SETIRLERDE GÖRKEZILEN UMUMYBILIM EDARALARY BOÝUNÇA)

2-nji bölümiň maglumatlary 4-nji bölümiň maglumatlaryna deň ýa-da okuwy taşlap giden ýa-da okuwdan çykarylan okuwçylaryň hasabyna okuwçylaryň sany az bolmaly. Görkezijiler 1-nji bölümiň 02-03-06-njy setirlerinde görkezilen umumybilim edaralar boýunça doldyrylýar.

## 3 BÖLÜM.
## 11-12-NJI SYNPLARDAKY OKUWÇYLARYŇ UGURLAR BOÝUNÇA BÖLÜNIŞI

"11-12-nji synplardaky okuwçylaryň ugurlar boýunça bölünişi" atly 3-nji bölümde 11-12-nji synplardaky okuwçylaryň okadylyş ugry: takyk ylymlar ugry 01-nji setir; tebigy bilimleri ugry 02-nji setir; ynsanperwerlik-durmuş bilimleri ugry 03-nji setir; tebigy-takyk bilimleri ugry 04-nji setir boýunça bölünişi görkezilýär. 05-nji setirde 01-04-nji setirleriň jemi görkezilýär.

## 4 BÖLÜM.
## OKUW ÝYLYNYŇ BAŞYNDA OKUWÇYLARYŇ SYNPLAR (1-nji BÖLÜMIŇ 02, 05-nji SETIRLERINDE GÖRKEZILEN UMUMYBILIM EDARALAR) BOÝUNÇA PAÝLANYLYŞY

4-nji bölümde okuwçylaryň 1-nji bölümiň 10-11-nji setirlerinde görkezilen synplar boýunça paýlanylýarlar.

1,3,7,9,13,15-nji sütünlerde 12 ýyllyk geçiş okuw maksatnamasy boýunça okadylýan

synplaryň we okuwçylaryň, 2,4,8,10,14,16-njy sütünlerde bolsa 12 ýyllyk okuw maksatnamasy boýunça okadylýan synplaryň we okuwçylaryň sanyny görkezmek gerek.

**5 BÖLÜM.**
**OKUWÇYLARYŇ ÝAŞY BOÝUNÇA PAÝLANYLYŞY**
**(ähli görnüşdäki umumybilim edaralarynda)**

5-nji bölümde okuw ýylynyň başyna 02-15-nji setirler boýunça okuwçylaryň ýaşy boýunça (ýaşy dolan) düzümi baradaky maglumatlar getirilýär.

**6 BÖLÜM.**
**UMUMYBILIM EDARALARYŇ OKADYLYŞ DILINE GÖRÄ PAÝLANYLYŞY**

6-njy bölümiň maglumaty № 1-mek formanyň esasynda düzülýär, muňa akyl ýa-da bedeni taýdan kemli çagalar üçin, terbiýäniň aýratyn şertleri zerur bolan çagalar üçin, şypahana mekdepler, çagalar öýleriniň ýanyndaky, çagalar şypahanalaryň we bejeriş edaralarynyň mekdepleri, ýörite dersler bilen bir hatarda umumy bilim berýän dersler hem okadylýan sazçylyk we çeperçilik umumybilim edaralary girýär.

Umumy maglumata mekdep-internatlar boýunça maglumatlar goşulýar. Mundan başga-da, umumy görnüşdäki mekdep-internatlar aýratyn jemleýji hasabat düzýärler, bu hasabata saglyk ýagdaýy sebäpli mümkinçilikleri çäkli okaýanlar üçin ýörite bilim edaralaryň baradaky maglumatlar girizilmeýär.

Şunda umumybilim edaralaryň ýerleşdirişiniň okadylyş dile görä (ýagny umumybilim edarasynda dersleriň haýsy dilde okadylýanlygyna baglylykda) geçilýändigini göz öňünde tutmaly.

Ähli sütünler boýunça 02-05-nji setirlerdäki maglumatlaryň jemi 01-nji setirde görkezilen maglumatlara deň bolmaly.

Synplar boýunça okuwçylaryň sany (2-13-nji sütünleriň 01-nji setiri) 4-nji bölümiň 15-16-njy sütünlerindäki degişli synplar boýunça okuwçylaryň sanyna deň bolmaly.

**7 BÖLÜM.**
**DAŞARY ÝURT DILLERINIŇ OKADYLYŞY**
**(ähli görnüşdäki umumybilim edaralarynda)**

7-nji bölümde synplar boýunça daşary ýurt dilleriniň (01-11-nji setirler) okadylyşy barada we okuwçylaryň sany barada maglumat görkezilýär. 09-njy sütünde daşary ýurt dilleri okadylýan umumybilim edaralaryň sany görkezilýär.

**8 BÖLÜM.**
**SAGLYK ÝAGDAÝY SEBÄPLI MÜMKINÇILIKLERI ÇÄKLI MEKDEP ÝAŞLY ÇAGALAR BÖLÜMLERI**

8-nji bölümde ýörite bilim edaralarynyň saglyk ýagdaýy sebäpli mümkinçilikleri çäkli mekdep ýaşly çagalar üçin bölümlerinde okaýanlar görkezilýär.(f.1-mek, 10-njy bölüm).

1-nji sütünde saglyk ýagdaýy sebäpli mümkinçilikleri çäkli bölümleriniň synplarynyň sany. 2-nji sütünde okuwçylaryň sanynyň hemmesi (adam), 3-nji sütünde gyzlary aýratyn görkezmek bilen, 4-5-2-nji sütünden okuwçylaryň bolýan wagty (okuwçy sany) ýagny gündizki we gije gündizki bolýan okuwçylaryň wagty we sany görkezilýär. 02-nji setirde ker, çala eşidýän we soň ker bolan bölümindäki okuwçylar, 04-nji setirde kör, çala görýän we soň kör bolan bölümindäki okuwçylar, 6-njy setirde daýanç-hereket synalary bozulan bölümindäki okuwçylar, 03,05,07-nji setirlerde kömekçi synplarda okaýanlary sany görkezilýär, 08-nji setirde akyl taýdan kemli bölümindäki okuwçylar görkezilýär.

**9 BÖLÜM.**
**UMUMYBILIM EDARALARYŇ MADDY BINÝADY**

9-njy bölüm umumybilim edaralaryň ilkinji hasabaty №1-mek 11-nji bölümiň esasynda düzülýär.

03-nji setirde synp otaglarynyň sany (okuw otaglar we laboratoriýalar hem girýär), 04-nji setirde okuw otaglarynyň meýdany görkezilýär.

07-21-nji setirlerde dersler boýunça bölünen okuw otagly umumybilim edaralaryň sany

23-nji setirde internete elýeterli bolan umumybilim edaralaryň sany görkezilýär.

24-25-nji setirlerde umumybilim edaralaryň interaktiw-multimedia enjamlary bilen üpjün edilen okuw otaglary we laboratoriýa enjamlary bilen üpjün edilen okuw otaglary sany degişlilikde görkezilýär.

26-29-njy setirlerde degişlilikde synp otaglary we ussahanalary bolan umumybilim edaralaryň sany görkezilýär, ýöne synp otaglaryň we ussahanalaryň mukdary görkezilmeýär.

40-njy setirde naharhanasy ýa-da bufetleri bolan umumybilim edaralaryň jemi sany görkezilýär.

41-nji setirde naharhanalardaky we bufetlerdäki, oturylýan ýerleriň jemi mukdary baradaky maglumatlar getirilýär. 42-nji setirde kitaphanasy bar bolan umumybilim edaralar gorkezilýär, 43-nji setirde olarda kitaplaryň (umumybilim edaralar okuw kitaplaryny hem goşmak bilen), kitapçalaryň we žurnallaryň mukdary görkezilýär. 44-nji setirde mekdep okuw kitaplarynyň umumy sanyndan okuw kitaplary görkezmelidir.

45-46-njy setirlerinde düýpli abatlama talap edýän we ýykylma howpy bar umumybilim edaralaryň sany görkezilýär.

**Durmuş statistikasy müdirligi**